# Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlar

**Demirgazyk Atlantika şertnamasynyň guramasy (NATO) Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleri bolan Gazagstan, Gyrgyzstan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan bilen hyzmatdaşlygyny artdyrmaklygy dowam edýär. Bu ýagdaý, howpsuzlygy we durnuklylygy umumy Ýewropa Atlantikanyň howpsuzlygy bilen berk bagly bolan we strategiýa taýdan ähmiýetli sebitler bilen daşary gatnaşyklary ösdürme boýunça syýasatyň çäginde amala aşyrylýar. Bäş dowletiň her biri Demirgazyk Atlantika bileleşigiň işjeň gatnaşýan Owganystanyň gelejekdäki ösüşine oňaýly täsirini ýetirmeklige mümkinçilik berýän kuwwata eýedir.**



© NATO

2013-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda NATO-nyň ştab-kwartirasynda geçen iki taraply duşuşykdan soň, Gyrgyzystanyň Prezidenti Almazbek Atambaýew we NATO-nyň Baş sekretary Anders Fog Rasmussen metbugat konferensiýasyny geçirýärler. Onda sebitdäki durnuklylygy we gelejekdäki hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşyldy.

2010-njy ýylyň noýabr aýynda Lissabonda geçen maslahatda kabul edilen NATO-nyň strategiýa babatyndaky baş ýörelgesi Ýewropa Atlantika sebitiniň howpsuzlygyny berkitme bütin dünýäniň guramalary we dowletleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň giň ulgamy arkaly has üstünlikli gazanylýandygyny görkezýär. Gepleşigiň we hyzmatdaşlygyň has inklýuziw, ýiti we strategiýa taýdan gönükdirilen bolmagy üçin, Lissabonda NATO-nyň hyzmatdaşlyk syýasatyny özgertmek boýunça maksatly iş ýola goýuldy. Täze syýasat 2011-njy ýylyň aprel aýynda Berlin şäherinde geçirilen daşary işler ministrleriň maslahatynda tassyklanyldy.

NATO-nyň hyzmatdaşlyk gurluşlary we maksatnamalary howpsuzlyk babatdaky meseleler boýunça gepleşik üçin köptaraply çäkleri, şeýle hem NATO-nyň agzasy bolan dowletler we hyzmatdaş dowletler bilen ugurlaryň uly jemi boýunça iş yüzünde iki taraply hyzmatdaşlyk üçin mümkinçilikleri hödürleýär. Munuň özi açyklygyň we aýdyňlygyň bolmagyna kömek edýär we ynamy berkidip, howpsuzlyk boýunça umumy meseleleri çözmäge ýardam edýär.

Eýýäm irki döwürde Merkezi Aziýa döwletleriniň bäşisi hem Demirgazyk Atlantika hyzmatdaşlygynyň geňeşine gatnaşdylar. Gepleşik üçin niýetlenen bu gurultaý, Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky araçägi ýok edip, Warşawadaky şertnama gatnaşan öňki ýurtlar bilen gatnaşyklary


p2 Umumy sebit boýunça howpsuzlyk barada çagyryşlar

p5 "Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk": hyzmatdaşlygyň uýgunlaşan çäkleri

p7 Hyzmatdaşlygyň gymmatlyklary

p7 Köptaraply ölçeg

p8-14 Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary

## Kawkaz we Merkezi Aziýa boýunça ýörite wekil

2004-nji ýylyň iýun aýynda Stambulda geçen Sammitde NATO-nyň ýurtlary Kawkaz we Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili bellemeli diýen karara geldiler. Ol borçlary birinji bolup, Robert Simmons ýerine ýetirdi, häzirki wagtda bolsa, olar NATO-nyň öňki metbugat sekretaryna Jeýms Appaturaýyň üstüne ýüklendi. Onuň wezipesi sebitde howpsuzlygy berkitmek we hyzmatdaşlygyň gurallaryny iň amatly suratda ulanmaklykda hyzmatdaşlara ýardam etmek maksady bilen, sebitdäki baştutanlar bilen ýokary derejedäki aragatnaşyklary dowam etdirmekden ybaratdyr.



© NATO

Ol sebitdäki resmi adamlar bilen, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy we Ýewropa bileleşigi ýaly başga guramalardaky kärdeşleri bilen bilelikde ysnyşykly hereket edýär. Şonuň netijesinde, durnukly aragatnaşyk üpjün edilip, guramalaryň işi biri-biriniň kemini ýetirme esasynda ýerine ýetirilýär. Kawkaz we Merkezi Aziýa boýunça wekiliniň işine aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça işleýän iki sany işgär, her sebite biri ýardam edýär.

ýola goýmak ugrundaky birinji ädim hökmünde 1991-njy ýylyň dekabyr aýynda Demirgazyk Atlantika bileleşigi tarapyndan döredildi. Soňra, 1997-nji ýylda, bu edaranyň ýerine Ýewropa Atlantika hyzmatdaşlygynyň geňeşi geldi. Bäş döwletiň dördüsi derrew “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk” maksatnamasynyň hödürleýän mümkinçiliklerinden peýdalanyp, 1994-nji ýylda onuň döredilmeginden soň derrew bu iş ýüzünde iki taraply hyzmatdaşlygynyň iri taslamasyna goşuldylar. (Täjigistan soňra 2002-nji ýylda goşuldy). 2004-nji ýylda Stambulda geçen sammitde NATO-nyň agzalary bolan döwletleriň baştutanlary tarapyndan Merkezi Aziýa we Kawkaz bilen hyzmatdaşlygy Demirgazyk Atlantika bileleşigi üçin ilkinji ähmiýetlisi etmek baradaky karary kabul edildi.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň her biriniň NATO bilen gatnaşygy üýtgeşik bolup geçdi, sebäbi, her bir hyzmatdaş döwletiniň hyzmatdaşlygy nähili ýagdaýda we haýsy ugurlar boýunça amala aşyrmaklygy saýlamaga hukugy bar. Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleriniň birnäçesi Demirgazyk Atlantika bileleşigi bilen hyzmatdaşlykdan başga-da howpsuzlyk boýunça sebit guramalaryna gatnaşýar. NATO olaryň Demirgazyk Atlantika bileleşigi bilen hyzmatdaşlygy we başga guramalar bilen berk gatnaşyklary gurmak isleglериniň arasynda hiç hili gapma-garşylyk görmeýär.

# Umumy sebit boýunça howpsuzlyk barada çagyryşlar

Sebitden geçýän Beýik ýüpek ýoly Ýewropa we Aziýanyň arasyndaky harytlar, bilim we pikirler bilen alyş-çalyşa ýardam edýärdi, şonuň üçin hem Merkezi Aziýa sebiti örän möhümdi. Ol häzirki günde hem şonlugyna galýar.

Howpsuzlygyň häzirki zaman şertlerinde NATO-nyň agzalary döwletleriniň we olaryň Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlarynyň öňünde howpsuzlyk babatyndaky umumy wajyp meseleler dur. Terrorizm, dini ekstremizm, etniki dawalar, döremesi başa barmadyk döwletler, guramaçylykly jenaýatçylygy, köpçülikleýin gyrýan ýaraglary ýaýratma we neşe serişdeleriň bikanun aýlanyşygy ýaly howplaryň çäkleri ýokdur, şonuň üçin olara garşy göreşi diňe ylalaşylan halkara hereketleri arkaly amala aşyrmak mümkindir.

Sebite giň göwrümlilik bilen garalan ýagdaýynda, Owganystandaky ýagdaýyň gidişiniň Merkezi Aziýanyň howpsuzlygyna we durnuklylygyna, şeýle hem tersine, gönümel ýa-da gytaklaýyn täsirini ýetirýändigi düşnükli bolýar. 2003-nji ý. Owganystanda Howpsulyga hemaýat boýunça halkara güýçleriniň (ISAF) baştutanlygyny öz üstüne alan wagty NATO-nyň sebitde bolup geçýänlere gatnaşygy ösýär. Hut şonuň üçin NATO öz Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlaryny Owganystandaky we umuman sebitdäki ýagdaý boýunça, şol sanda NATO-nyň 2014-nji ýyldan soňraky wezipesi

barasynda syýasy gepleşige çekýär. Owganystanyň etniki taýdan dürli-dürliligi Merkezi Aziýa ýurtlarynyň köpüsiniň Owganystany dikeldip, onda durnuklylygy ýola goymakda oňaýly täsirini ýetirip biljek möhüm ýerli jemgyýetler, görnükli syýasy işgärler we şahsyýetler bilen gatnaşyklarynyň bardygyny göz öňüne tutýar. Owganystanda durnuklylygyň ýola goýulmagynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem peýdasy bar, sebäbi, olar durnuksyzlygyň öz ýurtlaryna geçmek howpunyň öňüni almak maksady bilen Owganystandan gaýdýan neşe serişdeleri (neşe hereketi) sebäpli emele gelýän howpyň garşysyna göreşýärler.

## Owganystan bilen baglanyşykdaky howpsuzlyk ugrunda hyzmatdaşlyk we sebit boýunça hyzmatdaşlygyň ähmiýeti

Merkezi Aziýa ýurtlary NATO-nyň baştutanlygyndaky ISAF-yň Owganystanda amala aşyrýan işine ýardam edýär. Ýrdam etme çäkleriň üstünden uçup geçmeklige rugsat bermekden we NATO-nyň aýratyn döwletlerine harby bazalary ulanmaga bermekden ybarat. Ondan başga-da Gazagstan, Gyrgyzstan we Täjigistan (Belorussiýa, Russiýa we Ukraýina bilen bir hatarda) Owganystana we yzyna ölüm howply bolmadyk ýükleri daşamaklyga mümkinçilik berýän demir ýollarynyň we awtoulag ýollarynyň ulgamyny ulanmaga berdiler. Şeýle hem birleşigiň (koalisiýanyň) goşunlarynyň üpjünçiligi üçin niýetlenen bu demirgazyk ugur Merkezi Aziýa ýurtlaryna bu gatnaw ulgamlary Owganystany we Merkezi Aziýa ýurtlaryny öz aralarynda baglaşdyrýan, şeýle hem Ýewropany sebit bilen baglaýan uzak möhletli söwda arteriýasyna öwürmek mümkinçiligini berýär. Sebitleri baglaşdyrýan demir ýollarynyň gelejekde ösdürilmegi dünýäniň, ozalkysy ýaly, ykdysadiýet taýdan has pes derejede birleşdirilen bu sebitinde möhüm bolup, “Täze ýüpek ýoly” – aragatnaşyk, maglumat-kommunikasiýa we energetik infrastrukturalary arkaly özara baglanyşykly sebit baradaky baş ýörelgäni hakykata ýakynlaşdyrar.

Owganystanda durnuklylygy ýola goýmak ugrundaky sebit boýunça hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerinden peýdalanma Merkezi Aziýanyň ýene bir wezipesi bolup durýar. “Aziýanyň kalby” atly Stambul prosesi hyzmatdaşlygy amala aşyrmakda gymmatly ölçegdir. NATO bu prosese işjeň gatnaşyp, betbagtlyklaryň we heläkçilikleriň netijelerini ýok etmekde ynamy güýçlendirmeklige iş ýüzünde ýardam edýär. NATO-nyň Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlary Owganystanda durnuklylygy ýola goýmak ugrunda we onuň ösüşine iki taraplaýyn ýagdaýda öz möhüm goşandyny goşýarlar.

Gazagstan Owganystan üçin inwestisiýa, oba hojalykda kömek, mekdepleriň, hassahanalryň we demir ýollaryň gurulmagy, şeýle hem owgan talyplary üçin Gazagstanda okamaklyga mümkinçilik berýän stependiýalaryň bellenilmegi ýaly uly kömekler etdi. Täjigistan üstünden Täjigistan bilen Owganystanyň arasyndaky serhet geçýän Penj derýasy arkaly adamlaryň we ýükleriň hereket etmegine ýardam bermek ugrundaky

## NATO-nyň ISAF missiýasy

Merkezi Aziýada howpsuzlyk ep-esli derejede Owganystandaky howpsuzlyk bilen bagly bolup durýar. Owganystandaky ýagdaýyň gidişi bütin sebitiň howpsuzlygyna we durnuklylygyna gönümel ýa-da gytaklaýyn täsir edýär. Owganystan ýaňadan terroristleriň we terrorizmiň gaçybatalgasy bolmazlygy üçin NATO Owgan milli howpsuzlyk güýçleriniň (OMHG) kuwwatyny döretmek we ygtybarlylygyny berkitmek ugrunda serişde goýbermegini dowam edýär. Oňat taýýarlykly we söweşe ukyply OMHG goňşy ýurtlara baglanyşykly geçýän täsiriň mümkinçiligini ep-esli azaldyp, sebitde umumy howpsuzlygy üpjün etmek ugrunda öz goşandyny goşar. OMHG gowy netijeleri gazanýarlar: olaryň geçirýän netijeli dowam edýän hereketleriniň netijesinde Owganystanda howpsuzlygyň şertleriniň oňaýlaşmagy dowam edýär.

BMG Howpsuzlyk Geňeşiniň degişli kararlaryna laýyklykda ISAF 2014-nji ýylyň aýagyna çenli Owganystanyň hökümetine howpsuzlygy üpjün etmekde ýardam etmegini dowam eder. Howpsuzlygy üpjün etmek boýunça jogapkärçiligiň kem-kemden geçirilmegi oňaýly ýagdaýda we tertipnama boýunça ýerine ýetirilip, bu ýagdaý OMHG-niň 2014-nji ýylyň aýagyna çenli jogapkärçiligi öz üstüne alyp bilmegi üçin amala aşyrylýar. Owgan güýçleriniň ösüşiň oňaýly ýoly bilen berk ýöremegini dowam etmegine kömek bermek üçin NATO 2014-nji ýyldan soň hem öz wezipesini ýerine ýetirmekde borçlandy.


© NATO

2010-njy ýylyň 25-nji oktýabrynda geçen hyzmatdaşlyk boýunça, hususan-da, goranmak we Owganystanda NATO-nyň ýolbaşçylygynda geçirilýän hereketi goldamak ugrunada iki taraply gepleşiklerden soň, Gazagstanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew we NATO-nyň Baş sekretary NATO-nyň ştab-kwartirasynda HBS bilen söz alyşýarlar.


© NATO

2011-njy ýylyň 24-nji ýanwarynda Özbegstanyň Prezidenti Islam Karimow we NATO-nyň Baş sekretary Owganystana goldaw bermegi ara alyp maslahatlaşmak we ýurduň NATO bilen arasyndaky iki taraply hyzmatdaşlygy giňelmek ýollaryny kesgitlemek üçin duşuşyk geçirýärler.

tagallalaryny dowam edýär. Täjigistan hökümeti Aga Hanyň ösüş guramasy we Owganystan hökümeti bilen bilelikde gelejekde sany köpeldiljek köprileriň bir näçesiniň gurluşygyny tamamlamak ugrundaky işleri amala aşyrdylar. Türkmenistan Owganystany subsidirlenen energiýa bilen üpjün edýär, şeýle hem TAPI gazgeçirijisiniň taslamasy we Türkmenistany, Owganystany we Täjigistany birleşdirýän demir ýoluny gurmak boýunça amala aşyrylýan işlere gatnaşýar. Özbegstanyň hünärmenleri Owganystanyň infrastrukturasyny ösdürmek boýunça taslamalaryň bir näçesi, şol sanda ýurduň demirgazyk etraplaryny paýtagt bilen birleşdirýän on sany köpriniň dikeldilmegi, şeýle hem Haýratondan Mazari-Şerife gelýän Owganystanda birinji demir ýoluny gurmak we Kabula elektroenergiýa bermek boýunça ýerine ýetirilen işlerde ýardam etdi.

NATO şular ýaly tagallalar köptaraply hyzmatdaşlyk esasynda gurnalsa, olaryň netijeliligi artar diýip hasap edýär, şonuň üçin ol Merkezi Aziýadaky ähli hyzmatdaşlaryny “Aziýanyň kalby” prosesine doly derejede gatnaşmaklyga çagyrýar.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Owganystanyň geografiýa taýdan ýakynlygy, şeýle hem dini ekstrimizm bilen bagly içerki müşgiller bu ýurtlary terrorizm howpuna has netijeli garşylyk görkezmek maksady bilen NATO-nyň döwletleri bilen bilelikde geçirilýän işlere bolan gyzyklanmalaryny artyrdy. Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletler 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda ABŞ-da geçirilen terroristik hereketlerinden soň ÝeAHG (Ýewropa Atlantika hyzmatdaşlygynyň geňeşi) tarapyndan işlenip çykarylan Terrorizm bilen göreş boýunça hereketleriň meýilnamasyna öz gatnaşmaklary arkaly terrorizme garşy göreşe goşandyny goşýarlar. Bu ugurdaky hyzmatdaşlyk maglumat alyşmagy we terrorizme garşylyk görkezmek üçin ýerli güýçleriň kuwwatyny berkitmeklige niýetlenen türgenleşiklere (tälim) we okuw çärelerine gatnaşmagy öz içine alýar. Şeýle hem mümkin bolan terroristik hüjümleriniň netijelerini ýok etmeklige taýýarlygy kämilleşdirmek wajyp mesele bolup durýar. NATO Birleşen Milletler Guramasynyň Global kontrterroristik strategiýasyny Merkezi Aziýada durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň bilelikde düzülen meýilnamasynyň çäklerinde edilýän sebit boýunça tagallalary goldamaklygyny dowam edýär. Merkezi Aziýa döwletleriniň öňünde 2014-nji ýyldan soň hakykatdan-da ozalky ýaly ekstremizm we terrorizm bilen bagly howplaryň abanmagy mümkin bolan wagtynda, olar deň durmuş-ykdysady ösüş, yhlasly döwlet dolandyryşy, demokratiýa we adam hukuklary bilen bagly derwaýys içerki meseleleri hem çözmeli bolýarlar. NATO köp sanly başga ýurtlarda edişi ýaly, öz Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlaryna hem howpsuzlyk boýunça hasabat berýän demokratik institutlaryny gurmakda ýardam etmäge taýýar.

# “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk”: hyzmatdaşlygyň uýgunlaşan çäkleri

2014-nji ýylda öz ýigrimi ýyllygyny belleýän “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk” (PUH) maksatnamasynyň esasy – ol NATO bilen her bir aýratyn hyzmatdaş döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarydyr. Hyzmatdaşlyk ýurduň niýetlerine, hyjuwlaryna we ukyplaryna laýyklykda uýgunlaşdyrylyp, hyzmatdaş döwletiň hökümeti bilen bilelikde amala aşyrylýar. Hyzmatdaşlar uly sanawdan çäreleri saýlap, “Arkalaşygyň we hyzmatdaşlygyň aýratyn meýilnamasy” (AHAM) atly iki ýyllyk hyzmatdaşlyk meýilnamalaryny düzýärler.

Hödürlenýän çäreler, hakykatda, NATO-nyň işiniň ähli ugurlaryna, şol sanda harby özgertmä, goranmak syýasatyna we meýilleşdirmä, harby-graždanlyk gatnaşyklara, okuw-bilim boýunça ýerine ýetirilýän işlere, harby hyzmatdaşlyk we türgenleşiklere, graždalyk adatdan daşary ýagdaýlar boýunça meýilleşdirmä we betbagtçylyklara baş galdyrma, şeýle hem ylym ugrundaky hyzmatdaşlyga degişli bolup durýar.

Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleriniň hersi bilen NATO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň aýratyn meýilnamasy olaryň hyjuwlaryna we bähbitlerine laýyklykda dürli-dürli boldy.

Gazagstan – sebitde has işjeň hyzmatdaş – hyzmatdaşlyk çäreleriniň doly jemine gatnaşyp, 2006-njy ýylda NATO bilen “Hyzmatdaşlygyň hereketleriniň aýratyn meýilnamasyny” (HHAM) işläp düzdi. Hyzmatdaşlygyň bu täze guraly 2002-nji ýylda Pragada geçirilen sammitde NATO-nyň döwletleri tarapyndan döredilip, syýasy ygtyýary bolan we NATO bilen aralaryndaky gatnaşyklary çuňlaşdyrmaga ukyply hyzmatdaş döwletler üçin niýetlendi. Iki ýyllyk döwür boýunça hereket edýän HHAM ýurdy özgertmek boýunça wezipeleri goldamaklyga gönükdirilen hereketleriň meýilnamasynda, Gazagstanyň olar arkaly Demirgazyk Atlantika birleşik bilen ylalaşykly hereket edýän, hyzmatdaşlygyň dürli gurallaryny jemleýär. Gazagstanyň hökümeti ylalaşyk boýunça özgertmeleriň meýilnamalaryny, ilkinjiligini we şolara degişli möhletleri meýileşdirýär. NATO ýurduň aýratynlygyny göz öňünde tutmak bilen maksatly maslahatlary bermäge razylaşýar, aýratyn agza döwletler bolsa, yurtdaky içerki özgertmeleri amala aşyrmak boýunça geçirilýän işi has gowy goldamak üçin iki taraply kömegi sazlaşdyrmaklyga çalyşýarlar. Gazagstan bilen NATO yzly-yzyna üç sany HHAM boýunça ylalaşdylar, 2014-nji ýylyň başynda bolsa, dördünji HHAM boýunça ara alyp maslahatlaşma geçirildi. Şeýlelik bile Gazagstan ýaňadan özüniň NATO bilen hyzmatdaşlyga meýilliligini tassyklady.

Gyrgyzstan gelejekde hyzmatdaşlygy ösdürmek babatyndaky artýan gyzyklanmasyny görkezip, 2007-nji ýylda PUH-y meýilleşdirme we seljeriş prosesine gatnaşmaga razylygyny bildirdi. 2010-njy ýylda geçen syýasy



© NATO

Iki taraply hyzmatdaşlyk, sebitde howpsuzlyk we neşe serişdelerine garşy göreşdäki tagallalar bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin 2013-njy ýylyň 10-njy aprelinde Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon NATO-nyň Baş sekretary bilen duşuşýar.

özgermelerden soň Gyrgyzstanyň hökümeti we parlamenti ýaňadan yurduň NATO bilen gatnaşyklaryny tassyklady. Gyrgyzstan häzirki wagtda geçirilýän durmuş taýdan uýgunlaşma we ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylary täzeden taýýarlama maksatnamasyny uly kanagatlanma bilen kabul etdi, şeýle hem atyjylyk ýaragy, ýeňil harby enjamy we ok-därini saklama obýektlerini kämilleşdirmek boýunça ýörite NATO-PUH fondunyň taslamasyny durmuşa geçirmek barada haýyş bilen ýüzlendi we Bişkekde NATO-nyň ofisini ýerleşdirmäge taýýardygyny bildirdi.

Täjigistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň içinde soňky bolup, 2002-nji ýylda PUH maksatnamasyna goşuldy. Şondan bäri ol betbagtçylyklara baş galdyrma we taýýarlyk (graždalyk adatdan daşary ýagdaýlar boýunça meýilleşdirme), ýörite NATO-PUH fondunyň gurallary arkaly amala aşyrylýan demilitarizasiýa boýunça taslamalary ýaly düzümlere aýratyn gyzyklanma bildirip, hyzmatdaşlygyny artdyrýar. Ýakynda Täjigistan bilen NATO-nyň arasynda geçen gepleşikleriň barşynda döwlet serhet howpsuzlygy we jemgyýetçilik diplomatiýasy ýaly ugurlarda has ysnyşykly bilelikdäki hereketleriň mümkinçilikleri öwrenildi.

Türkmenistanyň NATO bilen hyzmatdaşlygy Merkezi Aziýadaky beýleki hyzmatdaşlar bilen deňeşdireniňde has çäkli bolup, diňe graždanlyk çägindäki çäreleri öz içine alýar. Emma bu ýurduň soňky ýyllarda goňşy döwletler we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy we gepleşigi giňeltmek ýollaryny açmak ugrunda edýän tagallalary hem NATO bilen hyzmatdaşlygy artdyrmak üçin mümkinçilik berýär.

Özbegstan bilen hyzmatdaşlyk birinji ýyllarynda ep-esli ösdi. Emma 2005-nji ýylyň maý aýynda Andižanda bolup geçen, netijesinde NATO ýurtlary özbaşdak halkara derňew geçirmeklige çagyran, wakalar bilen bagly gapma-garşylyklardan soň ösüş düýpli gowşaýar. Soňky birnäçe ýyllaryň içinde bilelikdäki syýasy hereket we iş ýüzindäki hyzmatdaşlyk ösüp başlaýar. Daşkent NATO-nyň işgäriniň Merkezi Aziýa bilen aragatnaşyk we bilelikdäki hereket boýunça býurosyny ýerleşdirmäge razylygyny berdi, şeýle hem birnäçe ugurlar, şol sanda harby okuwy we jemgyýetçilik diplomatiýany özgertmek boýunça ýerine ýetirilýän bilelikdäki hereketini artdyrýar.

## Merkezi Aziýa döwletleri bilen aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň Merkezi Aziýadaky işgäri


© NATO

Aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň işgäri Merkezi Aziýa döwletleriň NATO bilen hyzmatdaşlygynyň gurallaryny Demirgazyk Atlantika bileleşigi bilen hyzmatdaşlyk maksatnamalarynda kesgitlenen maksatlara goldaw bermekde artykmajy bilen ulanmaklaryny üpjün etmek maksady bilen olaryň döwlet edaralary bilen gönümel işleşýär. Uly bolmadyk işgärler toparyň ýaedam etmegi bilen, aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň işgäri ýerlerde NATO-nyň diplomatik wekiliniň wezipesini ýerine ýetirip, NATO-nyň Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlary bilen goranmak boýunça meýilleşdirme we seljeriş, NATO-nyň hereketlerine ýardam etmek, harby okuw we taýýarlyk, adatdan daşary ýagdaýda graždan meýilleşdirme, ylmy we ekologik meseleler boýunça hyzmatdaşlyk, şeýle hem jemgyýetçilik diplomatiýasy ýaly dürli ugurlar boýunça iş ýüzünde bilelikde hereket etmegine kömek edýär. Şeýle hem aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça işgär aragatnaşyk saklap, beýleki halkara subýektleri bilen, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň missiýalary, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy, Ýewropa bileleşigi we Gyzyl Haçyň halkara komiteti bilen işleşmegi sazlaşdyrýar. Gazagstan aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň işgärini kabul eden Merkezi Aziýadaky hyzmatdaşlaryň birinjisi boldy. 2013-nji ýylyň mart aýynda bäri aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň häzirki işgäri Özbegstanda ýerleşip, onuň Býurosy diplomatik wekilhana hökmünde bellendi.

# Hyzmatdaşlygyň gymmatlyklary

Hyzmatdaşlyk diňe bir iş ýüzünde işleşmekden ybarat bolman, gürrüň gymmatlyklar barada hem gidýär. Hyzmatdaş döwletler “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk” maksatnamasyna goşulan mahaly, olar PUH-nyň çäklerini kesgitleýän resminama gol çekýärler. Şonluk bile hyzmatdaşlar halkara hukugy, BMG-nyň düzgünnamasy, Ynsanyň hukuklary barada umumy beýannama, Helsinkide geçirilen Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça maslahatyň jemleýji resminamasy, ýaragsyzlanyş we ýaraglanmany barlamak boýunça halkara şertnamalary; gaýry döwletlere howp salmak ýa-da olara garşy güýç ulanmak; bar bolan serhetler boýunça şertleri berjaý etmek, şeýle hem dawalary parahatlyk ýoly bilen çözmek boýunça şertleri berjaý etmegi boýun alýarlar.



2007-nji ýylyň 7-nji noýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we NATO-nyň öňki Baş sekretary Ýaap de Hoop Sheffer iki taraply hyzmatdaşlyk bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin NATO-nyň ştab-kwartirasynda duşuşýarlar.

Hyzmatdaşlygyň çäklerini kesgitleýän resminamada NATO girýän ýurtlaryň territorial bütewiligine, syýasy özbaşdaklygyna we howpsuzlygyna howp abanýar diýip hasap edýän islendik hyzmatdaş döwleti bilen maslahat geçirmek borçnamasy bellendi. Bu borçnamalaryň we umuman PUH maksatnamasynyň maksady ynamy we açyklygy güýçlendirmek, parahatçylyga abanýan howplary azaldyp, ýaranlar we başga hyzmatdaş döwletler bilen howpsuzlyk ugrunda has berk gatnaşyklary döretmekden ybarat bolup durýar. HHAM ýaly başga gurallar hyzmatdaş döwletler bilen NATO-nyň arasynda syýasy maslahatlar üçin möhüm mümkinçilikler açýar. Döwletleriň baştutanlary we ministrleri Baş sekretar we Demirgazyk Atlantika geňeşi bilen duşuşmak üçin wagtly-wagtyna sapar bilen, kararlaryň kabul edilmeginde esasy edara bolan, NATO-nyň ştab-kwartirasyna barýarlar.

# Köptaraply ölçeg

Iki taraply hyzmatdaşlykdan başga Ýewropa Atlantika hyzmatdaşlygynyň möhüm bolan köptaraply ölçegi hem bar. Ol gepleşik we maslahat üçin geçirilýän gurultaýda 28 ýarany we 22 sany hyzmatdaş döwleti jemleýän Ýewropa Atlantika hyzmatdaşlygynyň geňeşinde (ÝeAHG) öz beýanyny tapýar. ÝeAHG-niň mejlisleri her aý ilçileriň, daşary işler ministrleriň, goranmak ministrleriň we baş ştablaryň başlyklarynyň derejesinde, şeýle hem ýokary derejede tertipli ýagdaýda geçirilýär.



2013-nji ýylyň ýanwar aýynda NATO-nyň ştab-kwartirasynda geçen Ştab başlyklarynyň 168-nji duşuşygynyň barşynda General Martin Dempsi (ABŞ-nyň harby güýçleriniň Ştabynyň başlygy) General-maýor Wiktor Mahmudow (Özbegstanyň harby güýçleriniň Ştabynyň şol wagtky başlygy) we podpolkownik Dilmurod Isakulow (NATO-nyň ýanyndaky Özbegstanyň harby wekili) dagy bilen söz alyşýar.

ÝeAHG-niň agzalary tertipli ýagdaýda howpsuzlyk bilen bagly meseleleriň uly gowrümi boýunça, şol sanda bilelikdäki tagallalar arkaly NATO-nyň agza döwletlerinden we hyzmatdaş döwletlerinden bolan ýaraşdyryjy güýçleriň ýerleşdirilen Kosowoda we Owganystanda howpsuzlygyň şertleriniň üýtgemegi barada pikir alyşýarlar. Ondan başga ÝeAHG iş ýüzindäki hyzmatdaşlyga kömek we ony sazlaşdyrma boýunça, şeýle hem terrorizm bilen göreşmek, serhet howpsuzlygy, neşe serişdeleriniň bikanun aýlanyşygy we başga-da köpçülikleýin gyrýan ýaragyň, atyjy ýaragyň we ýeňil harby enjamyň ýaýradylmagy bilen bagly meseleler boýunça başlangyç pikirleri öňe sürdi.

## Owganystanda NATO-nyň "Gaýduwsyz goldaw" missiýasy

NATO-nyň Owganystandaky täze missiýasy "Gaýduwsyz goldaw" diýip atlandyrylar. Ol başga ada eýe bolan ISAF missiýasy bolman, başga, göwrümi boýunça has kiçi missiýa bolar. Onuň ýeke-täk maksady owgan güýçlerini taýýarlamakdan, olara maslahat berip, ýärdam etmekden ybarat bolar. Ondan başga-da, NATO Owgan milli howpsuzlyk güýçlerine maliýe taýdan goldawy amala aşyrmakda ýardam etmäge borçlandy, şeýle hem NATO-nyň döwletleri "Uzak möhletli hyzmatdaşlyk" başlangyjy arkaly Owganystan bilen syýasy gatnaşyklary çuňlaşdyrmakda ylalaşdylar.

Ýurtlaryň köpüsi – NATO-nyň agza döwletleri we hyzmatdaş döwletleri täze missiýa goldaw bermegi teklip etdiler. NATO Owganystanda we umuman sebitdäki howpsuzlyk babatynda yhlaslylygyny saklaýar. Bu yhlaslylyk iň ýokay derejede tassyklandy.

2013-nji ýylyň iýun aýynda NATO-nyň goranmak ministrleri bu missiýanyň esasy ýörelgeleri babatynda ylalaşdylar. Ol bäş etraplarda – Kabulda we ýurduň demirgazygynda, günbatarynda, günortasynda we gündogarynda durmuşa geçiriljek çäklendirilen çemeleşmä esaslanyp, hukuk goraýjy we harby edaralar ýaly milli institutlara,şeýle hem goşun korpuslarynyň we polisiýa müdüriýetleriniň derejesindäki taýýarlyga gönükdiriler. "Gaýduwsyz goldaw" missiýany meýilleşdirme 2014-nji ýylda dowam eder.

Merkezi Aziýaly hyzmatdaşlaryň bäşisi hem maslahatlara we hyzmatdaşlyga ýardam etmek maksady bilen NATO-nyň Brýusselde (Belgiýa) ýerleşýän ştab-kwartirasynyň ýanynda diplomatik wekilhanalaryny döretdiler. Gazagstan we Gyrgyzstan Ýewropada Mons şäherinde (Belgiýa) ýerleşýän NATO-nyň BÝaG-niň (Birleşen Ýaragly Güýçleri) Ýokary serkerdebaşysynyň ştabynda ýerleşen, operasiýalar boýunça NATO-nyň Serkerdeligindäki, ýurtlaryň okyw çärelerine we türgenleşiklere gatnaşmagyna ýardam edýän, Harby hyzmatdaşlyk müdiriýetine girýärler. Ondan başga-da Gazagstanyň we Özbegstanyň Brýusselde NATO-nyň ştab-kwartirasynda öz harby wekilleri bar.

## Hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary

Ynamy güýçlendirmeklige we açyklyga ýardam etmekden başga-da, ylalaşdyryjy hereketleriň geçirilen mahaly we howpsuzlygyň umumy garşylyklaryny ýeňip geçmek üçin iş ýüzündäki hyzmatdaşlygy ösdürmekde operatiw ylalaşyjylygy (bu ýurtlaryň ýaragly güýçleriniň ýaranlaryň we NATO-nyň beýleki hyzmatdaş döwletleriniň güýçleri bilen işleşmek ukybyny) beýgeltmek hem NATO-nyň Merkezi Aziýaly hyzmatdaşlary bilen hyzmatdaşlygynyň esasy baş ýörelgeleriniň biri bolup durýar. Birnäçe ýurtlar goranmak we howpsuzlyk ugurlardaky özgertmeleri amala aşyrmakda ýörite maslahatlardan we goldawdan peýdalanýarlar. Hyzmatdaşlygyň betbagtçylyklara taýýarlyk we ylym we ekologiýa ugurlarda hyzmatdaşlyk ýaly başga möhüm ugurlary hem bar. Şonuň bilen birlikde, jemgyýetçilik diplomatiýasy ugurdaky NATO-nyň wezipesi we Demirgazyk atlantika birleşigi bilen hyzmatdyşlygyň peýdasy barada habarlylygy artyrmaklyga gönükdirilen çäreleriň üstünde işlenilýär.

### Goranmak we howpsuzlyk ugrundaky özgertme

Goranmak we howpsuzlyk ugrundaky özgertme ozalkysy ýaly NATO-nyň Merkezi Aziýaly hyzmatdaşlary bilen hyzmatdaşlygynda gitdigiçe ähmiýeti artýan ugur bolup galýar. NATO we onuň aýratyn agza döwletleri bu ugurda hyzmatdaşlaryň peýdalanyp biljek ýeterlik bilimi we tejribäni topladylar.

Möhüm wezipeleriň biri – hyzmatdaş döwletleriň güýçleriniň NATO-nyň ýolbaşçylygynda ylalaşdyryjy hereketlere we krizisy düzetmek boýunça hereketlere goldaw bermekligi amala aşyrmak ukybyny ösdürmek. Iki taraply maksatnamalar we köpmilletli türgenleşikler hyzmatdaş döwletleriň güýçleriniň NATO-nyň goşunlary bilen bilelikde hereket edip bilmek ukybyny ösdürmeklige ýardam edýar. Umumy dile eýe bolmak we standart düzgünleriň meýilnamasyndaky operatiw ylalaşyjylygy döretmek esasy ähmiýete eýe bolup durýar.

Hyzmatdaş döwletleri bilen hyzmatdaşlygyň goranmak we howpsuzlyk ugrundaky özgertmäniň ýene-de bir esasy ugurlarynyň biri – ol goranmak

institutlary netijeli we işjeň dolandyrmaklyga ýardam etmek, şeýle hem ýaragly güýçleriň üstünden graždan we demokratik gözegçiligi.

Başga hyzmatdaş döwletleriniň köpüsinde harby özgertme we ýaragly güýçleriň üýtgeşmesi howpsuzlygyň bar bolan düzümelrini azaldan ýa-da uýgunlaşdyran wagtynda, Merkezi Aziýada birneme başga ýagdaý emele geldi.

Sebitiň ýurtlarynyň köpüsi ýygnap öwredilmeli serkerdeleriň täze toparyny döretmelidi. Onuň üstesine-de goranmak ministrlikleriň täze gurluşlary parlament we graždalyk gözegçiligine, açyk meýilleşdirmä we goranmak ugurdaky resurslary ýerleşdirmeklige ýardam edýän özgertme üçin kynçylyk döredýär.

PUH-y Meýilleşdirme we seljeriş prosesi (MSP) hyzmatdaş döwletlerine belli bir özgertmeler arkaly kömek edýän möhüm gurallaryň biri bolup durýar. Ol NATO-nyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan parahatçylygy goramak boýunça hereketleri üçin beriljek güýçleri we serişdeleri kesgitlemekde, ösdürmekde we olara baha bermekde ýardam edýär. Şeýle hem MSP hyzmatdaş döwletleri tarapyndan netijeli, ykdysadiýet taýda ei ýeterli we berk ýaragly güýçleriniň gurulmagy üçin parametrleri belleýär we harby özgertmeleri geçirmek boýunça has giňden edilen tagallalary goldaýar. MSP-nyň çäklerinde her bir gatnaşyjy döwlet bilen hyzmatdaşlygyň maksady ylalaşylyp, her ýyl ösüşiň seljerişi geçirilýär. Merkezi Aziýadky hyzmatdaşlaryň birnäçesi MSP-e gatnaşmaly diýen karara geldiler. Gazagstan 2002-nji ýyldan bäri oňa gatnaşýar; Özbegstan we Gyrgyzstan bu prosese laýyklykda 2002-nji we 2007-nji ýyllarda goşuldylar. Emma soňkylaryň gatnaşygy eýýäm birnäçe ýyllaryň dowamynda saklanyldy. Täjigistan hem MSP babatynda başlangyç gyzyklanmasyny bildirdi.

Gazagstanyň hökümetiniň NATO-nyň güýçleri bilen operatiw ylalaşyjylygy artdyrmak boýunça eden tagallalary, NATO-nyň ýurtlary tarapyndan kömek berilen, gazak batalýonynyň (GAZBAT), soňra bolsa, gazak brigadanyň (GAZBRIG) döredilmegine getirdi. 2006-njy ýyldan bäri Gazagstan NATO-nyň ýurtlary we sebit boýunça hyzmatdaşlary bilen bilelikde her ýyl öz çäklerinde “Stepnoý orýol” atly türgenleşikleri geçirýär. Bu türgenleşikler GAZBAT-yň we Demirgazyk Atlantika bileleşigiň güýçleriniň operatiw ylalaşyjylygyny artdyrýar. 2012-nji we 2013-nji ýyllarda Gazagstan tarapyndan “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk” maksatnamasyna laýyk türgeleşikler geçirildi. Şeýle hem Gazagstan aýratyn bölümleriň NATO bilen doly opertiw ylalaşyjylygyny üpjün etmek maksadyny beýän etdi (mysal üçin GAZBAT). Güýçleriň birleşmegini ündeýän Operatiw güýçleriň baş ýörelgesine laýyklykda, NATO bölümleriň standartlaryny, taýýarlanmagyny, olara baha bermekligi we sertfisirlemesini hödürleýär. Netijede, hyzmatdaş döwletleri soňra hereketleriň dürli görnüşlerinde, şol sanda BMG-nyň ýaraşdyryjy we parahatçylygy saklamakda goldaw berýän hereketlerde ulanyp boljak, ýokary derejede

## Gyrgyzstan – ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylary durmuş taýdan uýgunlaşdyrma we täzeden taýýarlama

NATO Gyrgyzstana ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylary durmuş taýdan uýgunlaşdyrma we täzeden taýýarlama ugurda ýardam edip, olara iňlis dilini, menejmenti we maglumat beriş tehnologiýany öwrenmek boýunça kursalry hödürleýär. Sebitde maksatnamanyň giňemegi 2012-nji ýylda bolup geçdi, häzirki wagtda bolsa, kurslar Bişkekde we Oşda hödürlenýär. Oşdaky täze obýekt hem ätiýaçlyga boşadylan serhetçilerine okuw hödürleýär. 2013-nji ýylyň aýagyna maksatnamanyň çäginde 450 golaý öňki harby gullukçylar täzeden taýýarlanmany geçdiler. 2014-nji ýylda NATO on kurs geçirip, 140 golaý öňki harby gullukçylaryň täzeden taýýarlanylmagyny meýilleşdirýär.



© NATO

Gazagstanyň ýaragly güýçleriniň esgerleri “Stepnoý orýol 2013” atly türgenleşige gatnaşýarlar. 2013-nji ýylyň dekabr aýynda Gazagstan 20 serkerdäni synçy hökmünde BMG-nyň Afrikada we Gaýitidaky ýaraşdyryjy missiýalaryna iýbermekbaradaky öz kararyny yglan etdi.


© NATO

Gazagstanda ýaraşdyryjy düzgünleri we GAZBAT-yň kuwwatyny türgenleşdirmeklige gönükdürilen, “Stepnoý orýol 2013” atly türgenleşik geçýär. 12 döwletden 1260 harby gullukçylary, synçylary we başga gatnaşyjylar üçin trening geçirildi.

döwrebap, ýaýbaňlanýan we operatiw taýdan ylalaşykly güýçleriň eýesi bolýar. Gelejekde olaryň NATO bilen bilelikde krizisa baş galdyrma we gumanitar hereketlerde ýaýbaňlaşdyrylmagynyň mümkinçiliklerine garamak hem bolar.

2007-nji ýylda Gazagstan Harby bilimi çuňlaşdyrmak maksatnamasyna (DEEP) gatnaşmak islegini bildirdi. Bu maksatnamanyň çäklerinde Milli goranmak uniwersitetine (MGU) NATO-nyň we günbatar ýurtlarynyň harby okuw edaralaryndaky bilim berme bilen ylalaşykly okuw we pedagogika boýunça meýilnamalary işläp düzmekde ýardam edilýär. Häzirki wagtda Harby bilimi çuňlaşdyrmak maksatnamasy MGU-nyň mugallymlar toparyna goldaw bermekligiň we Gazagstanyň gury ýer goşunlarynyň harby institutynda PUH-yň Okuw merkezi (GAZMER) üçin kurslaryň üstünde işleýär.

Hyzmatdaşlygyň okuw merkezleriniň jemgyýetiniň (PTEC) agzasy hökmünde Gazagstan NATO-nyň agza döwletleriniň we hyzmatdaş döwletleriniň güýjini döretmekde öz goşandyny goşýar. 2010-njy ýylda GAZMER resmi suratda PTEC hökmünde ykrar edildi; ol Finlýandiýanyň Goranmak güýçleriniň halkara merkezi we Şwesiýanyň Ýaragly güýçleriniň halkara okuw merkezi ýaly PTEC ulgamynyň başga agzalary bilen bilelikde okuw meýilnamalary düzmek üçin instruktorlary okatmak boýunça alyşmany amala aşyrýar.

Gazagstan sebitde MSP boýunça iş tejribesini alyşýar, hususan hem, şol muzukda sebit boýunça maslahaty gurnady. Mundan başga-da GAZMER agza döwletleri we hyzmatdaş döwletleri üçin her ýylky harby terminologiýa boýunça iňlis diliniň we NATO-nyň ştab düzgünleriniň kurslaryny, şeýle hem Merkezi Aziýanyň we Owganystanyň taryhy, ykdysadyýeti we medeniýeti boýunça bäş günlik tanyş etme kursyny hödür edýär.

Özbegstanyň hökümetiniň ýüzlenmegi bilen 2013-nji ýylyň dekabr aýynda NATO Özbegstan bilen DEEP maksatnamasyny amala aşyrmaklyga başlaýar. Soňky üç ýylyň dowamynda mugallymlaryň köpmilletli toparlary NATO-nyň ýolbaşçylygynda NATO bilen tanyşma, NATO-nyň ştab düzgünleri, terrorizm bilen göreş we adatdan daşary ýagdaýda graždan meýilleşdirme ýaly ugurlardaky dört kursy işläp düzmekde ýärdäm ederler. DEEP maksatnamasy Özbegstanyň PUH-ynyň Okuw merkezi bilen bilelikde girizilýär.

Hyzmatdaş döwletleriň NATO-PUH ýörite gaznalarynyň gurallary arkaly demilitarizasiýa boýunça taslamalary amala aşyrmagyna ýardam etmek Demirgazyk Atlantika bileleşigiň ähmiýet berýän zatlarynyň ýene biri bolup durýär. Taslamalaryň maksady hyzmatdaş döwletlere ätiýaçdaky artykmaç ýa-da könelen minalary, ok-därini, atyjy ýaragy we ýeňil harby enjamy howpsuzlyk bilen ýok etmekde, şeýle hem harby özgertmäniň netijelerini ýeňip geçmekde ýardam etmekden ybaratdyr. Aýratyn agza döwletleriniň we hyzmatdaş döwletleriniň meýletin goýumlarynyň hasabyna pul

goýberilen bu taslamalar köplenç başga degişli guramalar bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýar. Täjigstanda Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylygynda we Ýaponiýanyň esasy goýumçy bolmagy bilen amala aşyrylýan NATO-PUH ýörite gazna taslamasy durmuşa geçirilýär. Bu taslamanyň çäklerinde derde ýaramaýan ok-däriniň ýok edilmegi we araçäk etraplarynda ýerleşýän ýarag we ok-däri saklanýan obýektleriniň barlagy amala aşyrylýar. Taslama 2004-nji ýylda ýurtda galan 1200 sany pyýada goşuna garşy minalaryň ýok edilip, Täjigstana Ottawada baglaşylan pyýada goşuna garşy minalary ulanmak, toplamak, öndürmek, bermek we ýok edilmek baradaky şertnamada göz öňünde tutulan borçnamalary ýerine ýetirmekde ýardam etmegi bilen üstünlikli netijeleri görkezdi.

2009-njy ýylda Gyrgyzstanda NATO durmuş taýdan uýgunlaşma we ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylary täzeden taýýarlamak boýunça maksatnamany amala aşyryp başlady. Şondan bäri maksatnama giňäp, paytagt bolan Bişkekde we ulylygy boýunça ýurtda ikinji ýerde durýan Oş diýen şäherde amala aşyrylýar. Gyrgyzstanyň hökümetiniň ýüzlenmesine jogap edip, Türkiýeniň ýolbaşçylygynda we Şweýsariýanyň gatnaşmagy bilen atyjy ýaragy, ýeňil harby enjamy we ok-därini howpsuz öertlerde saklamak üçin obýektleriň kämilleşdirilmegi boýunça mümkin boljak täze NATO-PUH ýörite gazna taslamasynyň deslapky işleri başlandy.

## Owganystandan gelýän neşe serişdeleriň söwdasyna garşylyk gärkezmekde Merkezi Aziýa ýardam etmek

Owganystanda dünýä boýunça tiryegiň mukdarynyň 90% öndürilýär. Bu ýagdaý halkara bileleşigi üçin howply garşylygy aňladýar. Neşe serişdeleriň söwdasy guramaçylykly jenaýatçylyk we terrorizme pul goýberme bilen baglydyr. Neşe serişdeleri ulanmak hem durmuş we saglygy goraýyş taýdan milli çäkleri bolmadyk uly kynçylyk bolup durýar.

Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleriň bäşisi hem 2005-nji ýylyň dekabr aýynda başlan hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerine neşe serişdeleriň bikanun aýlanyşygyna garşy göreşiň usullaryny öwretmek boýunçg Russiýa-NATO Geňeşine gatnaşýarlar. Bu başlangyç ýerli güýçleri ösdürmeklige, sebitde aragatnaşygy we NATO-nyň döwletleri we Russiýa tarapyndan bu ugurda toplanan bilimi we umumylaşdyrylan tejribäni Owganystanyň, Merkezi Aziýa döwletleriniň we Päkistanyň orta derejeli işgärleri bilen alyşmanyň hasabyna amala aşyrylýan hyzmatdaşlygy güýçlendirmeklige gönükdirilendir.

BMG-nyň neşe serişdeler we jenaýatçylyk boýunça müdüriýeti (BMG NJM) bu taslamanyň bu taslamanyň jogapkär ýerine ýetirijisi hökmünde çykyş edýär. Owganystanyň, Merkezi Aziýa döwletleriniň we Päkistanyň serkerdeleri üçin okuw kurslar Russiýada, Türkiýede we ABŞ-da geçirilýär. Şol bir wagtyň özünde ýerlerde hem kiçi kurslar geçirilýär. 2013-nji ýylda taslamanyň çäginde neşe serişdeleriň bikanun aýlanyşygyna garşy göreşiň ukyplarynyň halkara okadylmagyna ýardam etmek boýunça iş başlandy. Bu iş Demirgazyk Täjigistan bilen Günorta Gyrgyzstanyň arasyndaky bar bolan barlag-geçiriji nokatlarynda serhetde bilelikde hereket etmek üçin ofisleriň döredilmegi boýunça BMG NJM-iniň işine ýardam etmekden ybratdyr.

Owganystanyň, Merkezi Aziýa döwletleriniň we Päkistanyň wekilleri bilen bilelikde taslama gatnaşýan Russiýa-NATO Geňeşiniň döwletleri (RNG) taslamanyň neşe serişdeleriň bikanun aýlanyşygyna garşy göreşiň ukyplaryny okatmak ugrunda ýurtlaryň isleglerini kanagatlandyrmagy dowam etmegi üçin ýokary derejedäki ýolbaşçylar mejlislerini ýygnaýarlar. 2013-nji ýylyň aýagyna çenli döwürde 3000 işgär RNG-niň bu taslamasynyň çäginde geçirilýän okuwy geçdiler. Taslamanyň täsir edýändigini okuwyň esasy kyrsynyň giňden geçirilmeginden soň hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň neşe serişdeleriň bikanun aýlanyşygyna garşy göreşiň ukyplary boýunça has ýöriteleşdirilen okadylmagyny talap edýän ýüzlenmeleriň gelmegi hem görkezýär.

## Betbagtlyklara we heläkçiliklere taýýarlyk we baş galdyrma

Tebigy betbagtlyklaryň we tehnogen heläkçilikleriň hötdesinden gelmek hatda taýýarlykly ýurtlara hem örän kyn bolýar. Şunuň ýaly betbagtlyklaryň netijeleri köp halatlarda döwletiň çäklerinden çykyp, bütin sebitleriň howpsuzlygyny we durnuklylygyny howp astyna salyp biler. Diýmek, (NATO-da "adatdan daşary ýagdaýlarda graždan meýilleşdirme" atly belli bolan) betbagtlyklara we heläkçiliklere taýýarlyk we täsir etme, esasynda möhüm bolup, hyzmatdaşlygyň işiniň düzüm bölegi bolup durýar. Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleriň birnäçesi NATO bilen bilelikde betbagtlyklara we heläkçiliklere taýýarlyk we täsir etme mümkinçiliklerini kämilleşdirmegiň üstünde işleýär. Bu ugurdaky köp sanly çäreler Tebigy betbagtlyklara we heläkçiliklere täsir etme boýunça Ýewropa Atlantika sazlaşdyrma merkeziniň (TBHBÝeASM) çäklerinde amala aşyrylýar.

TBHBÝeASM tebigy betbagtlyklaryň bolan halatynda ÝeAHG-niň ýurtlarynyň arasynda edilýän tagallalary sazlaşdyrmak üçin 1998-nji ýylda döredildi. Mysal üçin ol Gyrgyzstanyň günorta etraplaryna bu ýurduň hökümetinden 2005-nji ýyldaky agyr suw almadan soň, şeýle hem 2006-njy ýyldaky uly möçberli weýrançylyklara elten güýçli gar ýagmadan soň haýyş bilen ýüzlenme gelende edilen kömegi sazlaşdyrmakda ýardam etdi.

Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleriniň köpüsi TBHBÝeASM-niň guraýan çärelerine we türgenleşiklerine gatnaşýar, Gazagstan bolsa, guramanyň NATO-nyň ştab-kwartirasynda ýerleşýän operatiw merkezine öz wekilini iýberdi. Türgenleşikler güýçleriň we serişdeleriň hereket eden wagty olara baha brmek üçin we gelejekde hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça ugurlary kesgitlemek üçin gymmatly mümkinçilik açýar. Soňky ýyllarda TBHBÝeASM-e degişli çäreleriň uly bölegi, şol sanda birnäçe türgenleşikler hyzmatdaş döwletlerinde teklip edilip, guraldy we geçirildi. Munuň özi PUH-yň işiniň düzümindäki iň uly harby däl bölegi bolan, adatdan daşary ýagdaýda graždan meýilleşdirme ugrunda hyzmatdaşlyga hyzmatdaşlaryň nä derejede ýokary baha berýändiklerine şaýatlyk edýär.

### Täjigistan – serhet ýakasynda ýerleşýän etraplardaky ok-därini howpsuz ýok etme we saklama boýunça ýörite gazna taslamasy


© NATO

Täjigistanda ok-däri birnäçe ministrlikleriň garamagynda bolup, taryhy sebäplere görä we howpsuzlyk düşünjesi sebäpli onuň aglabasy bölünip ýurduň ähli ýerlerinde ýerleşdirilen. NATO-nyň Ýörite gaznasy Täjigistanyň ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylaryndan ýygnalan partlama howply zatalry zyýansyzlandyrmak boýunça topatyň üpjünçiligini we ýaýbaňlandyrylmagyny amala aşyrýar. Topar ýok etme boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmek, şeýle hem ok-däriniň tehniki we fiziki howpsuzlygy boýunça ekspert maslahat kömegini bermek bilen fiziki howpsuzlygy artyryp, ätiýaçdaky ok-därini dolandyrmagy kämilleşdirýär.

Ýörite gaznanyň partlama howply zatalry zyýansyzlandyrmak boýunça topary döwlet edaralary we ýerli jemgyetler bilen bilelikde hereket etmek arkaly artykmaç we derde ýaramaýan ok-däriniň ýok edilmegini amala aşyrýar, gerek bolan halatynda ulanmaga ýararlysyny howpsuz saklanýan ýerlere geçirýär. Täjigistanyň häkimiýetiniň çagyrmagy we razylygy bilen Ýörite gaznanyň partlama howply zatalry zyýansyzlandyrmak boýunça topary taslamanyň indiki tapgyrynda goragy we howpsuzlygy barlamak üçin uzakda ýerleşýän obýektlere barar. Barlag geçirilen ýerden gelen hasabat gelejekdäki ähmiýetli hereketler boýunça görkezmeleriň işlenip çykarylmagyna esas bolar. Onuň üstesinede, Täjigistanyň döwlet edaralarynyň işgärleriniň howpsuzlyk we ätiýaçdäki ok-därini dolandyrmak boýunça taýýarlanmasy geçiriler.

## Ylym we töwerekdäki sreda

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň alymlary we barlag geçirijileri eýýäm iki onýyllyklaryň dowamynda NATO-nyň “Parahatçylyk we howpsuzlyk ugrundaky ylym” (PHUY) maksatnamasynyň çäginde alyp barylýan işe gatnaşýarlar. PHUY maksatnamasy NATO-nyň agza döwletleriniň we hyzmatdaş döwletleriniň howpsuzlygyny berkitmek ugrunda umumy gyzyklanma döredýän meseleler boýyunça ysnyşykly hyzmatdaşlyga ýardam edýär. Aýratyn-da sebit bilen baglanyşykly halkara tagallalara ýärdam etmek bilen, maksatnama howpsuzlygyň täze garşylyklaryna döz gelmek, NATO-nyň ýolbaşçylygyndaky hereketlere goldaw bermek, şeýle hem betbagtlyklaryň we krizis ýagdaýlaryň öňüni almak üçin irki öňünden duýdurmany we çaklaýyşy ösdürmek ugrunda çalyşýar.


© NATO

“howpsuzlyk we parahatçylyk ugrunda ylym” Maksainamasynyň çäginde, tebigy betbagtlyklary çaklama, krizisleri modelirleme we çydamly ösüş boýunça geçirilen maslahata gatnaşyjylar. Maslahat 2013-nji ýylda Samarkand şäherinde (Özbegstan) geçirildi.

Hyzmatdaşlyk alymlar üçin däp, ylmy ösüş üçin bolsa, zerurlyk bolup durýar. Döredilýän ulgamlar hem düşünmekligi gazanmak we dürli medeniýetleri we däp-dessurlary bolan jemgyýetleriň arasyndaky ynamy berkitmek boýunça syýasy maksady durmuşa geçirmekde ýardam edýärler. PHUY maksatnamasynyň ýene bir wezipesi hyzmatdaş döwletlerine belli bir ýerli hereketleriň çäginde olaryň ähmiýetli görýän wezipesini ýerine ýetirmekde goldaw bermek üçin tehnologiýalary alyşmakda we bermekde ýardam etmekden ybaratdyr. Bu ýagdaý köp ýyllaryň dowamynda geçirilýän ylmy-barlag taslamalary, maslahatlary we okuw kurslary arkaly amala aşyrylýar.

Häzirki gün Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we NATO-nyň ýurtlarynyň ekspertleri bilelikde köp ugurdaky meseleleri, hususan-da, terrorizme garşy göreş, betbagtlyklary çaklaýyş we tebigy heläkçilikleri öňünden duýdurma, şeýle hem ekologiýa bilen bagly howpsuzlyk ýaly meseleleri çözmegiň üstünde işleýärler. Mysal üçin, 2012-nji ýylyň iýun aýynda Bişkekde (Gyrgyzstan) hünär derejäni ýokarlandyrmak boýunça kurs geçirilip, onuň çägide harby we graždan ekspertlere terrorizme garşy göreşmegiň milli güýçlerini döretmek boýunça umumy çemeleşme we metodologiýa hödürlendi. 2013-nji ýylyň maý aýynda Samarkantda (Özbegstan) geçirilen hünär okuwynda betbagtlyklary çaklaýyş, taýýarlama we durnukly ösüş arkaly agyr krizisleriň we dawalaryň öňüni almak bilen bagly meselelere garaldy. Ahyrynda, häzirki wagt Gazagstanyň, Gyrgyzstanyň, Täjigistanyň we Özbegstanyň ekspertleriniň gatnaşmagynda geçirilýän çäklerden geçýän suwuň hapalanmagyna (sebitiň ilatynyň durmuş-ykdysady taydan üpjünçiligi üçin aýratyn ähmiýetli ugura) gözegçilik etmek we baha bermek boýunça köp ýyllar boýy amala aşyrylýan ylmy-barlag taslamany belläp geçmeli.


© NATO

Al-Farabi ad. Gazak milli uniwersitetiniň talyplary 2013-nji ýylyň noýabr aýynda NATO-nyň modeli maslahatyna gatnaşýarlar. Çäre NATO-nyň Maglumat merkezi tarapyndan gurnalyp, onda NATO-nyň ştab-kwartirasynyň halkara işgärleri bilen widiotelekonferensiý hem geçirildi.

## Jemgyýetçili diplomatiýasy

Merkezi Aziýaly hyzmatdaşlary bilen Jemgyýetçili diplomatiýa ugrundaky hyzmatdaşlyk Demirgazyk Atlantika bileleşigi we NATO bilen hyzmatdaşlygyň peýdasy barada habarlylygy ýokarlandyrmaklyga, şeýle hem jemgyýetçiligiň pikirini emele getirýän esasy şahsyýetleri we graždan jemgyýeti çekmeklige gönükdirilendir. Häzirki wagtda uniwersitetlardan,

hökümete degişli bolmadyk guramalardan we HBS-den ybarat bolan ulgamlaryň döredilmegi üçin gyzyklanma bildirýän hyzmatdaş döwletler bilen hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar. Ýerli edaralar we hökümete degişli bolmadyk guramalar tarapynda NATO-nyň goldamagy we döwlet edaralary bilen bilelikde hereket etmek arkaly hünär okuwlary, koferensiýalar we maslahatlar ýaly dürli çäreler geçirilýär.

2007-nji ýyldan bäri Almaty şäherinde (Gazagstan) çap edilen işleri we resminamalary has el ýeterli etmek ugrunda işleýän, NATO-nyň Resurs we maglumat merkezi hereket edýär. Demirgazyk Atlantika bileleşigi sebitde NATO-nyň depozitar kitaphanalarynyň we multimediýa boýunça “NATO-nyň burçlarynyň” ulgamyny giňeldýär, 2014-nji ýylyň başynda Daşkehtiň (Özbegstan) Dünýä ykdysadyýetiniň we diplomatiýasynyň uniwersiteti hem şolaryň hataryna goşuldy. Bu ýurtlaryň jemgyýetçilik pikirim emele getirýän ylmy işgärleri, döwlet gullukçylary we şahsyýetleri wagtly-wagtyna NATO-nyň ştab-kwartirasyna çagyrýan çakylykalry alýarlar we ol ýerde olara Demirgazyk Atlantika bileleşiginiň öşi bilen tanyşmaklyk teklip edilýär.

NATO-nyň jogapkär wezipeli adamlary hem degişli döwletleriň wekilleri bilen duşuşmak we köpçülige niýetlenen çärelerde çykyş etmek üçin sebite gelýärler. NATO-nyň Merkezi Aziýa bilen bilelikde hereket etmek we aragatnaşyk boýunça işgäri jemgyýetçilik diplomatiýada, hususan-da, graždan jemgyýeti we HBS-ni çekmek we jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmak arakaly işjeň wezipäni ýerine ýetirýär.

| | |
|---|---|
| 1992 | Gazagsatan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan Demirgazyk Atlantika bileleşigine goşulýarlar. |
| 1994 | Gazagsatan, Gyrgyzystan, Türkmenistan we Özbegistan “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk” (PUH) maksatnamasynyň Çäklerini kesgitleýän resminama gol çekýärler. |
| 2001 | Merkezi Aziýaly hyzmatdaşlar Ýewropa Atlantika hyzmatdaşlygynyň beýleki agzalary bilen bilelikde 11-nji sentýabrda bolup geçen terraktlary ýazgaryp, terrorizme garşy göreşmekde borçlanýarlar. Çäkleriň üstünden uçup geçmek we Merkezi Aziýada bazalary we beýleki obýektleri ýerleşdirmek hukugy ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda Owganystanda kolisiýa tarapyndan geçirilýän herekete goldaw hökmünde berildi. |
| 2002 | Täjigistan “Parahatçylyk ugrunda hyzmatdaşlyk” maksatnamasyna goşulýar. |
| | Gyrgyzystan we Özbegistan PUH-yň Meýilleşdirme we seljeriş prosesine gatnaşyp başlaýarlar. |
| 2003 | Özbegistanda betbagtlyklara baş galdyrma boýunça “Fergana-2003” atly türgenleşik geçirilýär. |
| | NATO Owganystanda Howpsulyga hemaýat boýunça halkara güýçleriniň (ISAF) baştutanlygyny öz üstüne alýar; ähli Merkezi Aziýaly hyzmatdaşlar wezipäniň geçirilmegine ýardam edýär. |
| 2004 | NATO-nyň Stamblda geçen sammitinde Merkezi Aziýa we Kawkaza aýratyn üns berilmeli diýen karar kabul edilýärl; Baş sekretaryň bu iki sebit boýunça Ýörite wekili, şeýle hem aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň işgäri diýen wezipeler döredilýär. |
| | Täjigistan NATO bilen Owganystandaky hereketiň maksatlary üçin tranzit baradaky şertnama gol çekýär. |
| | PUH ýörite gaznanyň uly bolmadyk taslamasy arkaly Täjigistan 1200-den gowrak minalaryň ýok edilmegini tamamlaýar. |
| 2006 | Gazagsatan öz birinji Hyzmatdaşlygyň hereketleriniň aýratyn meýilnamasyny işläp düzýär. |
| | Almatydaky Al-Farabi ad. Gazak milli uniwersitetinde NATO-nyň Resurs we maglumat merkezi we Astanadaky (Gazagsatan) Milli kitaphanada NATO-nyň dipozitar kitaphanasy açyldy. |
| 2007 | Türkmestanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow sapar bilen NATO-nyň ştab-kwartirasyna bardy. |
| | Gyrgyzystan PUH maksatnamasynyň Meýilleşdirme we seljeriş prosesine gatnaşmak kararyna geldi. |

# Hyzmatdaşlygyň esasy pursatlary

| | |
|---|---|
| 2009 | Bişkegiň Diplomatik akademiýasynda NATO-nyň dipozitar kitaphanasy açyldy. |
| | NATO durmuşa uýgunlaşma we Gyrgyzystanyň ýaragly güýçlerinden ätiýaçlyga boşadylan haby gullukçylary täzeden taýýarlama maksatnamasyny durmuşa geçirip başlady. |
| | Gazagstanda (Astana) Ýewropa Atlantika hyzmatdaşlygynyň geňeşiniň howpsuzlyk boýunça gurultaýy, şeýle hem “Žetysu-2009” atly betbagtlyga täsir etme boýunça türgenleşikler geçirildi. |
| 2010 | NATO Gazagstan we Özbegstan bilen demir ýol arkaly ISAF-yň ölüm howply bolmadyk ýükleriniň tranziti barada ylalaşýar. |
| | Özbegstanda Ýörite gaznanyň melanžy gaýtadan ulanmak boýunça taslamasy tamamlandy. |
| | Gazagstanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew sapar bilen NATO-nyň ştab-kwartirasyna bardy. |
| 2011 | Özbegstanyň Prezidenti Islam Karimow sapar bilen NATO-nyň ştab-kwartirasyna bardy. |
| | Gyrgyzystanyň Prezidenti Roza Otunbaýewa sapar bilen NATO-nyň ştab-kwartirasyna bardy. |
| 2012 | Merkezi Aziýadaky hyzmatdaş döwletleriniň ählisiniň daşary işler ministrleri we Özbegstanyň goranmak ministri NATO-nyň Çikago şäherinde geçirilen Sammitine gatnaşdylar. |
| | NATO Gazagstan bilen demir ýol arkaly ISAF-yň ölüm howply bolmadyk ýükleriniň tranziti baradaky ylalaşygyny ýatyrýar. |
| 2013 | Täjigistanda derde ýaramaýan ok-däriniň ýok edilmegi we araçäk etraplardaky ýarag we ok-däri saklanýan obýektleriň barlagyny geçirmek üçin täze Ýörite gazna taslamasynyň durmuşa geçirişi başlanýar. |
| | Gyrgyzystanyň Prezidenti Almazbek Atambaýew sapar bilen NATO-nyň ştab-kwartirasyna bardy. |
| | Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon sapar bilen NATO-nyň ştab-kwartirasyna bardy. |
| | Daşkentde (Özbegstan) Merkezi Aziýada aragatnaşyk we bilelikde hereket etmek boýunça NATO-nyň işgäriniň býurosy açyldy. |
| 2014 | Daşkent şäheriniň (Özbegstan) Dünýä ykdysadiýeti we diplomatiýa uniwersitetinde NATO-nyň depozitar kitaphanasy açyldy. |

**NATO-nyň çap edilen işleri elektron kitap dukanynda elýeterlidir: www.nato.int/ebookshop**

NATO-nyň habar beriji kitapçalarynda Demirgazyk Atlantika bileleşigiň syýasatynyň we işiniň dürli ugurlary barada maglumatlar ýerleşdirilen. Olar Baş sekretaryň ýolbaşçylygynda çap edilip, aýratyn agza döwletleriniň hökümetiniň resmi pikiriniň ýa-da garaýşynyň görkezilmegi hökmany däl.

NATO-nyň Jemgyýetçilik diplomatiýa müdüriýeti, 1110 Brýussel, Belgiýa – www.nato.int – © NATO 2014

0214-14 NATO Graphics & Printing